# Ýene özümde galdy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýene özümde galdy

ÝENE ÖZÜMDE GALDY

Hyýalbentdim, arzuwçyldym, çagakam,
Ynanýardym aşjagyna amala.
Bilemokdym puç bolýanny yhlasyň,
Hasyl bermän, gelmän galşyn kemala.

Öz ugrunda kän ylgatdy arzuwlar,
Juda golaý, el ýetmäge säheldi.
Surnukdyryp, nesip däldi her gezek,
Çilelimi ýa duşmadyk sähedi.

Hyýalbentlik galdy ýene özümde,
Saklap ony kem görmedim goldanmy.
Derdim gozgap, dyrmasa-da ýaramy,
Göwni aldap, ýaşadýanam şol dälmi?!

Hyýalymda ýetip bilýän islegme,
Kemin goýman çykýan göwün solpudan.
Pes bagtymyň çür başyna çykaryp,
Tabyn bolýar sepil edip selpeden.

Duýgularym bagt kölüni boýlaýar,
Ýazan zadym ger okanyň hoşuna.
Gözi gidip beýle çüwmek bardygna, Ynanýarlar başa gonan guşuma.

■ GITMEGIM GEREK

Gözüm ýetdi gerekdigne gitmegiň,
Besdir eglenenim, ýitiren wagtym.
Ýüz bermese günäleme, nalama,
Ýüz tapmasa durmaz säginen bagtam.

Bagly bolmasa-da gadryň saklamak,
Bigadyr bolmakdan saklansa bolar.
Buýsanjyň meňziniň solanny görmek,
Aldanan umydyň gursagyn diler.

Kemsinmeklik sarsgyn salar mertebä,
Göwne çümer öz döwügniň gyýçagy.
Mähre suwsap, ot owurtlan ýüregiň,
Ýalyn bolup, dilden çabrar diýjegi.

Rozygül ÝAZHANOWA.

Goşgular